# Hatasyz ýarag

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hatasyz ýarag HATASYZ ÝARAG

Sähra jandarlary üýşüp gelende,
Şagal söz sözledi çykyp belende:

– Şir agam bolmasa, gaýdardy işim,
Bişen gawuna-da ötmezdi dişim.

Kim Şir üçin ölse, men şolañ biri,
Ölýänçäm alkyşlap gezerin Şiri.

Göýä başga zada berýän dek ünsüñ,
Märekäñ öñünde Şir otyr ümsüm.

Dodaklaryn ýalap, ýuwdundy, dymdy,
(Şir dymýarka, oña «Goý» diýjek kimdi?).

Şagala wezipe ýetdi şo gije…
Öwgüden Şir öldi – ine, netije.

- **Şagalyñ portreti**

Şagalyñ elinde şirmaýy dark,
«Ýeri, kel Şagala ol nämä gerek?»

Gürmek ýelmeşipdir Şiriñ ýalyna,
Hasanaklap barýar şonuñ ýanyna.

Baýram ÇOMMADOW. Goşgular